# Kesişýän kysmatlar / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kesişýän kysmatlar / hekaýa KESIŞÝÄN KYSMATLAR




Belent jaýlaryň gürmegi. Dört köçäniň çatrygy. Bir-birine çapraz gelýän reklamalar ýazylan hatlar. Magazinler. Dört töweregi gurşap alan witrinalarda egin-eşik geýdirilen gurjaklar. Köçede hem olara çalym edýän adamlar. Diňe howlukmaç bir ýaňa eňip barýalar diymeseň, meňzeşlik kän. Iň erbedi ödüňi ýaryp barýan goh-kalukal.
Bankyň belent binasyndan çykyp, biraz säginen Hasan Saleh nirä ýöneljegini bilmän sermi-sal. Nirä gitsin? Nirä barsa ýyldyza ýörän ýaly.
***

Ýyldyzlaryň hem aňrysynda. Arşda. Agladan perman alyp gaýdan perişdeler. Hemme bolýan-goýýany synlap, belent binanyň üstünde otyrlar. Bank binasy… Oturaýan ýerlerini diýsene.
Bu melekler yörite zeminde ynsan ykballaryny üýtgedip-degşirip ýörmek üçin ugradylan. Özleriniň hem üýtgäp bilmek häsiýeti bar. Kän zada öýkünip bilýärler. Üns nazarlaram müň, on müň, ýüz müň kilometr daşdaky bolup duran zada ýetip artýar. Şu mahalam bir bendäniň kederini-takdyryny üýtgetmäge häzir bolup durlar. Emma ilkinji ädimi hemişe bolşy ýaly ynsan ätmeli.

***

«Nätmeli? Indi nätmeli – diýip, Hasan Saleh näçenji gezek

özüne ýüzlendi. – Hiç bir işi oňuberenok. Bankdan hem kredit alyp bolmady».
Köçäniñ gaýda-gaýmalaşyk goh-galmagaly. Peteñ edip barýar. Öňdenem ýüregi agyrýan Hasan Saleh jöwzada demikdi. Elini gursagyna yetirenini duýman galýar. Honha, köçäniñ gyrasynda hüýt gara oglanjyk alagoh edip suw içmäge çagyrýar. Elbetde mugt däl. Oglanjygyň oturan ýerine saýa bermeli saýawan şemala galgap peydasyz perişdeligini edýär.

***

Perişdeler bolsa gokdiräniñ depesinde. Olardan Asman ýakyn… Zemini synlap durlar. Adamary synlaýarlar has takygy. Has anygy iki adamy. Uly ýaşly kişini. Uly kişi bolmaga howlukýan çagajygy synlaýar olar.
– Alajyny ýitiren adam!
– Sabyrsyz bende.
Perişdeler oña seredip söhbete başladylar:
– Bu kişi kysmatyny özi üçin haýyrly tarapa üýtgetjek bir zadyñ gapdalyndan indi näçenji gezek geçip gidýär.
– Oña ýekeje zat ýeterlik. Şol köçede oturyp, suw satýan oglanjygyň başyny sypasa bolany, onuñ ykbaly başga ýana öwrülýär.
– Başga ýana, ol kişiniñ arzuw edip bilmejek gowulyklaryna tarap.
Perişdeler belent jaýyñ üçeginden, ho-ol aşakda, köp adamly köçäniñ gyrasynda, nirä gitjegini bilmän duran adamy henizem synlap, özara söhbet edýärler.

***

Gatnawly köçäniň gyrasynda ýanýoda. Suw satýan oglanjyk. Özüne seredip duran nätanyş kişiden habarsyz. Öz işi bile gümra. Şol arada bir gapdalda duran zibil gabyndan gaçan kagyz bölegine äňetdi. Al-Akhbar gazeti. Hepdäniň habarlary: şäher ruhy hassahanasyndan iki sany näsag gaçdy diýlen sözbaşyny okady. Soň gazet böleginden nazaryny sowup ýetişmänkä gazet bölegi hem şemala uçdy. Edil ol hem gaçýan ýaly… Oglanjyk

hassahanadan gaçýan hassalar hakda oýlandy. “Eger olar gaçýan bolsalar, onda ol ýer gowy däl bolmaly”.

***

Gaýda-gaýmalaşyk köçäniň gohuna ünsem bermän hol gyrada suw satýan oglanjygy synlaýan Hasan Salehi bankyň gökdirän binasynyň üstünde iki perişde synlap dur. Hasan Salehi bankyň baş direktoram öz kabinetiniň äpet penjiresiniň öňüne gelip synlap durdy. Çünki Bank binasynyň ikinji gatynda ýerleşen kabinetiniň penjireleri köçä bakýardy. Bankyň baş direktory Ahmet Beşer ýaňyja öz ýanyndan çykyp giden bu adamyň adynam eýýäm unutdy, näme üçin köçäniň gyrasynda indi on minut bäri doňup durandygyny gaty bir geňem görenokdy. Bankrot bolan telekeçi, ugruny-ýoluny ýitiren adam. Öz janyna kast etmegem ahmal. Ýöne etjek alajymyz ýok. Alla kuwwat bersin. Bank üçin gerekli güwanamalary hem ýeterlik däl. Biz oňa hiç hili ýardam edip bilmeýäs. Naçe gapymyzy kakasa-da, näçe gatnasa-da bankyň etjek kömegi ýok. Onuň ýaly ýardam edip bilmeýänlerimiz ýüzlerçe däl, müňlerçe. Belki şolar ýalylara kömek etmeýänimiz üçin hem bankymyz şu wagta çenli rowaç iş ýöredýär. Işiň kadasy, wagtyň kanuny bi…

***

Wagt bolsa ýöräp dur. Duranok.
Agşam şäheriň köçeleri ýene ýap-ýagty. Mähelle hem ýetik. Neon yşyklary bilen köçeleri ýagtyldýan binalar. Aýdym-saz, mähelle. Agşamky şäheriň durmuşy has gözel ýaly. Emma Ahmet Beşer bankdan çykan dessine öýe howlukýar. Maňlaýy ýere gaçyp barýar. Şu başagyry täze tapyldy. Ol sürüjisiniň ulagy haýal sürüp barşyna hem gaharlanýar, emma hiç zat geplänok.
Şäheriň çetinde, deňiz kenaryna golaý ýerde baýlaryň ýaşaýan mesgeni. Hamra kwartaly. Bu ýerde bir-birinden üýtgeşik jaýlar. Ümsüm. Arassa köçeler. Köçeleriň gapdallarynda ýörite timar berilýän palmalar. Ahmet Beşer gapydan girende başga bir dünýä düşen ýaly. Rahatlyk derrew kalbyňa aram berýän ümsümlik. Aýaly hem bu gün başgaça. Hemişeki şadyýan

gözlerinde birhili gussa bar ýaly, emma ol salykat bilen ýoldaşynyň öňünden çykyp, ony garşylaýar.
– Men bu gün hyzmatçylara irden rugsat berip goýberdim.
Olar aşhana geçdiler. Agşamlyk nahary oňa aýalynyň özi äberdi. Ahmet Beşer hiç zat geplemän nahara başlady. Birsalymdan ol aýalynyň hiç zat iýmän, özüne garap oturandygyny gördi. Ol nämüçin hiç zat iýeňok diýip aýalyna ýüzlendi, ýa ýaraňokmy.
– Ahmet, sen unutdyňmy. Bu gün Saadyň doglan güni?!
Ol aýalynyň özüne garaýan gözlerine garap, ähli zada düşündi. Öňüne goýlan nahar Saadyň iň gowy görýän tagamy- siyyadiýeh. Ol üç ýyl mundan ozal dokuz ýaşynda ýogalan oguljygynyň doglan gününi unudypdyr. Aýaly başga hiç zat diýmedi. Diňe ýatakhana geçip gyşaransoňlar:
– Saad Beýrudyň köçelerinde suw satyp ýörmüş, edil düýşümde däl ýaly. Hakyky ýaly gördüm. Şeýlebir begenip, oňa tarap ylgaýan. Birdenem gözlerimi açýan. Ahmet Beşer ýene hiç zat geplemedi. Aslynda aýaly şu zeýilli düýşler bilen ýaşaýar.
Uzak geçmän ukladylar.

***

Uky ýok, rahatlyk tapyp bolanok. Durmuşyň süýjüligi, tagamy tükenen ýaly. Hasan Saleh agaryp gelýän sähere çenli başyny aşak salyp diňe indi näme etmeli diýen sowala jogap agtardy. Ýurtda defolt yglan edildi. Onsuzam bu ülkäniň derdi azmy? Asyl bütin dünýä pandemiýa çoçgaryna çolaşan halynda halsyz urunýar. Meniň bolsa hiç bir zada alajym galmady. Hiç bank meniň taslamama töwekgelçilik edip ertir-birigün girdejili boljak biznese pul ýatyrjak hem bolanok. Ol ýene eltelefonuň ekranyna bakdy. Banklaryň sanawy: Banque du Liban, Banque Libano-Francaise Audy Bank. Ol ýene düýnki baran bankyna gaýtadan ýüz tutmaly diýip karara geldi.

***

A perişdeler bikarar. Bank binasynyň üstünde, nazarlary ýerde. Mähelleli köçe. Goh-galmagal. Ululy-kiçili ulaglaryň sesleri. Bar garyşyp perişdeleriň psihikasyna täsir edýär. Olar edil

ruhy hassa ýaly…
Köçäniň gyrasynda uly banner. Liwan kedriniň suraty. Oglanjyk suw satýar. Bürünçden ýasalan jaň mysaly ýakymly owazy giň köçäni ýaňlandyrýar. Suw içmäge çagyrýar. Bank binasyna girip barýan Hasan Saleh bu görnüşi indi näçenji gezek synlaýar. Dežawýu duýgular.
– Ynsanyň öz kysmatyndan habary ýok, emma Biz oňa duýgy berdik. Ol içki ses. Oňa gulak asan ynsan üçin hemme zat gowluk bilen başlanýar, gowluk bilen gutarýar.
Perişdeler özara söhbet edýän wagty Hasan Saleh eýýäm üçünji gezek Ahmet Beşer bilen düşünişip bilmän bank binasyny terk etdi. Ýüzüne urlan ýaly, lapykeç.
Bir zatdan gaharyny çykarasy, urup-ýenjesi gelýär. Birden onuň reklama banneriniň saýasynda suw içiň diýip bogazyna sygdygyndan gygyrýan oglanjyga gözi düşdi. Entek gahar gazaby sowamnka oglanjyga tarap ýöneldi.

***

Soňra perişdeleriň hem garaşmaýan zady boldy. Hasan Saleh oglanjygyň hödürlän bir bulgur sowuk suwuny başyna çekdi. Gözlerinden perde syrylan ýaly, göwrümi giňedi, ýürek sançmasam zym-zyýat. Olaryň köne tanyşlar ýaly gyzygyp bir zadyň gürrüňini edip duruşlaryny ýokarda öz penjiresinden synlap duran Ahmet Beşer agşam naharynyň başynda aýalynyň aýdan sözlerini ýatlady.
Bank binasyndan çykyp gaýdan, köýnegi securiti ýazgyly daýanykly ýigit Hasan Salehi yzyna çagyrdy. Baş direktoryň ony görmekçidigini aýtdy.
Hasan Saleh oglanjyga “Garaş, men häzirjek dolanýan” diýip, daýanykly ýigidiň yzyna düşdi.

Sylapberdi MUHAMOW.

22.05.2023. Hekaýalar